TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ENERGETIKA INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGY – PAÝHAS ÇEŞMESI

*(Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry
Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan
ylmy-amaly maslahatyň makalalar ýygyndysy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

**Aýgözel Öwezowa,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň aspiranty*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ HALKARA GATNAŞYKLARYNDAKY ORNY

Gözbaşyny taryhyň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen halky kämil medeniýete eýe bolmak bilen, milli mirasy gözüniň göreji deýin saklap, ösdürip, kämilleşdirip gelýär. Umumadamzat gymmatlyklarynyň altyn hazynasyna, bahasyna ýetip bolmajak goşant goşan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi adatdan daşary bitewi we şonuň bilen birlikde, köpugurlydyr. Akyldar şahyryň çuň many-mazmuna ýugrulan goşgularyny diňe bir türkmen halky däl, eýsem, dünýä halklary hem söýüp okaýarlar. Şonuň üçin-de, Magtymgulynyň ölmez-ýitmez eserleri daşary ýurt dillerine terjime edilip, dünýä halklaryna ruhy lezzet berýär. Olara adamzat durmuşyna aýdyň akyl ýetirip, jemgyýetde öz mynasyp ornuňy tapmaga, ruhubelent zähmet çekmäge ýardam berýär. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «ynsan kalbynyň ruhy lukmany» [1] bolan Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde durmuşyň her bir ýüze çykarýan soragynyň jogabyny tapmak bolýar. Türkmen ruhunyň sarsmaz sütüni Magtymguly Pyragynyň çuňňur dünýewi pelsepelere, inçe duýgulara, umumadamzat parasatyna ýugrulan dünýä akyl ýetirmek baradaky arzuw-umytlary, dürli öwüşginli oý-pikirleri türkmen halkynyň milli we ruhy gymmatlyklary bilen sazlaşykly ýaşaýar we asyrlardan-asyrlara geçip gelýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Şeýle hem dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr [2]. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen her ýylda Medeniýet we sungat işgärleriniň güni bilen bir hatarda, Magtymguly Pyragynyň şygryýet baýramynyň halkara derejesinde dabaralanmagy ýurdumyzda beýik şahyra goýulýan sarpanyň uludygyny görkezýär.

Häzirki döwürde Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň şygryýet älemi dünýä halklaryny birleşdiriji we dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkidiji gural hökmünde çykyş edýär. Akyldar şahyryň baý edebi mirasyny içgin öwrenmäge, giňden wagyz etmäge, hormat-sarpasyny belende götermäge aýratyn ähmiýet berilmegi bolsa, türkmen edebiýatyny arşa götermekde, halkymyzyň milli gymmatlyklaryny dünýä ýaýmakda giň mümkinçilikleri döredýär.

Türkmen halkynyň göz guwanjy, buýsanjy we mertebesi bolan beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň adyny ebedileşdirmekde-de ençeme işler durmuşa

geçirilýär. Edebiýat meýdanynda yz galdyran Pyragyny ýatlamak, edebi mekdebi, özboluşly döredijiligi bilen tanyşmak, okyjylary kitaplary bilen tanyşdyrmak işleri dünýä derejesinde alnyp barylýar.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dünýä derejesinde öwrenilmegine giň ýol açyldy. Muňa, ilkinji nobatda, 2008-nji ýylyň maý aýynda Aşgabat şäherinde geçirilen «Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary» atly halkara maslahat aýdyň mysaldyr. Dünýäniň 20 ýurdundan gelen alymlaryň gatnaşmagynda geçirilen ilkinji halkara maslahatda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dürli taraplary barada giňişleýin söhbet açyldy [3].

Şahyryň döredijiligi alymlaryň hem-de syýahatçylaryň üns merkezine öwrülipdir. Alymlaryň we syýahatçylaryň Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy bilen tanyş bolmaklary şahyryň eserleriniň ýaýradylmagyna, onuň ynsanperwer şygyrlarynyň dabaralanmagyna ýardam edýär. Magtymguly şahyryň eserleri we özi baradaky maglumatlar XIX asyryň birinji ýarymynda dürli dillerde neşir edilip başlanýar. Beýik akyldar şahyryň şan-şöhraty diňe türkmen halkynyň arasynda däl-de, eýsem, azerbaýjan, özbek, gazak, rus, täjik, tatar halklarynyň arasynda hem uly meşhurlyga eýedir. Beýik söz ussadynyň eserleriniň arap, iňlis, rus, ispan, azerbaýjan, özbek, türk we beýleki daşary ýurt dillerine terjime edilmegi türkmen şygryýetiniň dünýä ýüzüne ýaýramagyna giň ýol açdy.

XVIII–XIX asyrlaryň türkmen durmuşyna ýetiren uly täsirini ylmy esasda öwrenmek, onuň döredijiliginiň türkmen, şeýle-de tutuş Gündogaryň ylmy-medeni durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşygyny açyp görkezmek, akyldaryň şahyrana dünýäsine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek hem-de beýik akyldaryň doglan gününiň 290 ýyllygyny halkara derejesinde mynasyp belläp geçmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň mart aýyndaky degişli Kararyna laýyklykda, 2014-nji ýylda beýik türkmen akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy uly dabara bilen bellenilip geçildi. Beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygynyň şunuň ýaly belent derejede tutulmagy beýik akyldaryň döredijiligine iňňän ýokary baha berilýändigi bilen berk baglanyşyklydyr. Şeýle hem bu ugurda beýik şahyrymyzyň adyny ebedileşdirmekde birnäçe çärelere itergi berildi.

Mälim bolşy ýaly, Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň gadymy nusgasynyň aglaba bölegi häzirki günlerde hem Günbatar ýurtlarynda ulanylýar. Türkmen edebiýatşynas alymlary Magtymguly Pyragynyň döredijiligine ýüzlenýärler. Şol bir wagtyň özünde-de, beýleki halklaryň alymlary hem türkmeniň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy bilen çuňňur gyzyklanýarlar. Magtymgulynyň döredijiligi Azerbaýjanyň, Özbegistanyň, Türkiýe Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Owganystan Yslam Respublikasynyň we beýleki ýurtlaryň edebiýatşynaslary tarapyndan içgin öwrenilýär.

Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletlerindäki seýilgählerde akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň ýadygärlik heýkelleri oturdylýar. Magtymguly Pyragynyň hormatyna ýadygärlik heýkeliniň daşary ýurtlarda, ýagny Ukrainada, Türkiýe Respublikasynda, Owganystan Yslam Respublikasynda, Özbegistanda we başga-da köp şäherlerde açylmagy şanly wakalara beslendi. Özbek paýtagtynyň merkezinde gurlan «Aşgabat» seýilgähi bolsa taryhyň täze sahypasy hökmünde dost-doganlyk gatnaşyklarynyň rowaçlanýandygynyň nyşany boldy. Bu seýilgähiň Magtymguly köçesiniň ugrunda ýerleşýändigi guwandyryjydyr. Türkiýe Respublikasynyň paýtagty Ankaradaky «Türkmenistan» seýilgähinde beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi oturdylan. Mälim bolşy ýaly, bu seýilgähiň we onuň çäginde oturdylan beýik türkmen nusgawy şahyrynyň ýadygärliginiň dabaraly açylyşy 2012-nji ýylda Türkiýe Respublikasynda iki dostlukly döwletiň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda bolupdy. Magtymguly Pyragynyň ajaýyp heýkeliniň Owganystan Yslam Respublikasynyň serhetýaka Akina şäherinde hem bolmagy, goňşy ýurduň biziň akyldar şahyrymyza sylag-sarpasynyň nyşany bolup durýar. Şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň Priworžski raýonynyň Funtowy obasynda gurlan Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän mekdebiň çäklerinde Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň bardygyny bellemek ýerliklidir. Şeýlelikde, şahyryň ýadygärlikleriniň daşary ýurtlarda açylmagy türkmen halkynyň nusgawy şahyrynyň baý edebi mirasynyň ýakyn we alys goňşy halklarda hem uly gyzyklanma döredýändigine şaýatlyk etmek bilen, halkara gatnaşyklaryň çäklerinde ýurdumyzyň alyp barýan parahatsöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we dost-doganlyk syýasatynyň dabaralanýandygyny görkezýär.

Mälim bolşy ýaly, 2021-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti 2024-nji ýylda «Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakyndaky» Karara gol çekdi. Bu ugurda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet ugurlary boýunça ýöriteleşdirilen guramasy — ÝUNESKO bilen bilelikde birnäçe giň gerimli taslamalary durmuşa geçirýär. TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň ÝUNESKO-nyň işleri boýunça milli toparlarynyň beýik türkmen şahyry hem-de akyldary Magtymgulynyň 300 ýyllygynyň baýram edilmegi mynasybetli, 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky çözgüdi kabul etmegi aýratyn guwandyryjy waka boldy [4].

Akyldar şahyr «San bolsam» diýen goşgusynda:

Abu Seýit, Omar Haýýam, Hemedany,
Ferdöwsi, Nyzamy, Hapyz perwany,

Jelaleddin Rumy, Jamy elwany,
Olarnyň jaýynda menem san bolsam.

– diýmek bilen, döredijilik dünýäleri umman ýaly giň şahslaryň hatarynda bolmagy isläpdir [5]. Häzirki döwürde Magtymgulynyň ady, ajaýyp eserleri dünýä halklarynyň arasynda meşhurlyga eýe boldy. Akyldar şahyryň şygyrlary Ferdöwsi, Dehlewi, Rumy, Nyzamy, Nowaýy ýaly dünýä belli beýik alymlaryň we akyldarlaryň eserleriniň arasynda aýratyn orna mynasypdyr. Akyldar şahyryň döredijiligi dünýä medeniýetiniň altyn gaznasyny baýlaşdyryp, halklary birleşdiriji esas hökmünde çykyş edýär.

EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – A.: TDNG, 2011.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli Gutlagy. «Türkmenistan» gazeti. 27.06.2022.
3. Mustakow R. Magtymguly we Gündogar edebiýaty. – A.: TDNG, 2014.
4. «Türkmenistan» gazeti. Magtymgulynyň 300 ýyllygy belleniljek ýyl türki dünýäniň beýik şahyrynyň ýyly diýlip yglan edildi. TDH. №292 (30558), 09.11.2022.
5. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I we II tomlar. – A.: TDNG, 2013.